Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

#44 (327)

пятница, 20 ноября 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

Международные новости



TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

20-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi.

Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Ilki bilen, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow «GDA agza döwletleriň ulag baglanyşygyny berkitmekde zähmeti guramagy we kadalaşdyrmagy ösdürmegiň mümkinçilikleri» atly halkara maslahata görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, milli ykdysadyýete sanly ulgamy ornaşdyrmakda öňdebaryjy halkara tejribeden ugur almagyň möhümdigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz wise-premýere bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy berkitmek maksady bilen guraljak maslahata gowy taýýarlyk görmegi we ony ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary G.Agajanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew degişli ugurlar boýunça hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa taryhy we medeni ýadygärlikleri rejelemek, dikeltmek hem-de gorap saklamak babatda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, halkymyzyň baý taryhy-medeni mirasyny ylmy taýdan öwrenmegiň we geljek nesillere ýetirmegiň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny aýtdy hem-de wise-premýere taryhy-medeni ýadygärlikleri rejelemek, dikeltmek hem-de gorap saklamak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow şu ýylyň dekabrynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde sanly ulgam arkaly halkara ylmy-amaly maslahatlary we olimpiadalary geçirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda ýaş nesliň zehin-başarnygyny ösdürmäge, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy berkitmäge möhüm ähmiýet berilýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyz Diýarymyzyň degişli ýokary okuw mekdeplerinde halkara maslahatlary hem-de olimpiadalary geçirmek baradaky teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen täze Kararnama barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, halkara düzümler, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy bilen köpugurly gatnaşyklary yzygiderli ösdürmek hormatly Prezidentimiziň alyp barýan daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. BMG bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde köp ýyllaryň dowamynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň alyp barýan daşary syýasatynyň esasynda ýurdumyz dünýä ösüşiniň derwaýys meseleleri boýunça möhüm başlangyçlary öňe sürýär. Olar ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy, ynanyşmagy pugtalandyrmaga, durnukly ösüşi üpjün etmäge, ynsanperwer işler we beýleki gaýragoýulmasyz mowzuklar babatda halkara hereketleri işjeňleşdirmäge gönükdirilendir. Netijede, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy Türkmenistanyň teklibi boýunça ençeme ugurlarda wajyp Kararnamalary kabul edýär. Bu bolsa ýurdumyzyň öňe sürýän halkara başlangyçlarynyň dünýä jemgyýetçiliginde giň goldaw tapýandygyna şaýatlyk edýär.

Wise-premýer, daşary işler ministri hormatly Prezidentimizi we Gahryman Arkadagymyzy bu Kararnamanyň kabul edilmegi bilen tüýs ýürekden gutlady.

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, Garaşsyz Türkmenistanyň dünýä döwletleri we halkara guramalar bilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine esaslanýan «Açyk gapylar» syýasatyny alyp barýandygyny belledi. «Şunuň bilen baglylykda, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň sessiýasynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Birleşen Milletler Guramasynyň we Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň arasynda hyzmatdaşlyk» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Biz geljekde hem Birleşen Milletler Guramasy bilen netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça alyp barýan işlerimizi dowam etdireris» diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz aýtdy. Pursatdan peýdalanyp, hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylaryň ählisini gelip gowşan hoş habar — möhüm ähmiýetli Kararnamanyň kabul edilmegi bilen tüýs ýürekden gutlady.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Akmämmedow şu ýylyň 24 — 26-njy noýabry aralygynda Aşgabat şäherinde «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş — 2026» atly halkara maslahaty we sergini, «Türkmentel — 2026» atly halkara sergini we ylmy maslahaty geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ulag we aragatnaşyk toplumynyň işini kämilleşdirmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça işleriň alnyp barylýandygyny belledi hem-de wise-premýere halkara üstaşyr ulag geçelgelerine bagyşlanan halkara maslahata we sergä hem-de «Türkmentel — 2026» atly halkara sergä we ylmy maslahata gowy taýýarlyk görmegi, olary ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.



TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ WE RUSSIÝA FEDERASIÝASYNYŇ FEDERAL ÝYGNAGYNYŇ FEDERASIÝA GEŇEŞINIŇ BAŞLYGYNYŇ DUŞUŞYGY

2026-njy ýylyň 19-njy noýabrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen GDA gatnaşyjy döwletleriň Parlamentara Assambleýasynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisine gatnaşmak üçin Türkmenistana sapar bilen gelen Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygy Walentina Matwiýenkonyň arasynda duşuşyk geçirildi.

Walentina Matwiýenko pursatdan peýdalanyp, Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň Milli Liderimize hem-de Prezident Serdar Berdimuhamedowa iberen mähirli salamyny ýetirdi.

Gahryman Arkadagymyz dostlukly ýurduň Prezidentine iň gowy arzuwlaryny beýan edip, RF-niň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygyna Türkmenistana gelmek baradaky çakylygy kabul edendigi üçin minnetdarlyk bildirdi hem-de bu saparyň möhüm waka bilen utgaşýandygyny — 16-njy oktýabrda Türkmenistanyň Mejlisine Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna gatnaşyjy döwletleriň Parlamentara Assambleýasyna syngy derejesini bermek hakyndaky meseläni bu Assambleýanyň öňde boljak mejlisiniň gün tertibine girizmek baradaky haýyş bilen Walentina Matwiýenko hat iberilendigini belledi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň Mejlisine bu derejäni bermek baradaky teklibiň W.Matwiýenkonyň şahsy başlangyjydygyny aýratyn nygtap, ýurdumyzda bu başlangyja ýokary baha berilýändigini aýtdy hem-de munuň üçin RF-niň parlamentiniň ýokarky palatasynyň ýolbaşçysyna minnetdarlyk bildirdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda iki tarap hem A.S.Puşkin adyndaky umumybilim berýän bilelikdäki türkmen-rus mekdebiniň täze binasyny gurmak, Türkmen-rus uniwersitetini döretmek, paýtagtymyzda A.S.Puşkin adyndaky teatryň täze binasyny hem-de Dostluk binasyny gurmak ýaly başlangyçlary durmuşa geçirmek üçin köp işleri alyp barýar.

Häzirki wagtda türkmen-rus hyzmatdaşlygynyň ugurlaryny, Türkmenistanyň Russiýanyň sebitleri, hususan-da, Sankt-Peterburg şäheri, Tatarystan Respublikasy, Astrahan oblasty bilen gatnaşyklaryny ösdürmek üçin uly mümkinçilikler bar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy 2027-nji ýylda möhüm wakanyň — Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 35 ýyllygynyň belleniljekdigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň, RF-niň Federasiýa Geňeşiniň we Döwlet Dumasynyň dostluk hem-de hyzmatdaşlyk toparlarynyň ýörite bilelikdäki mejlisini, bu senä bagyşlanan çäreleri geçirmek, olara iki ýurduň parlamentarileriniň gatnaşmagy we şunuň bilen bagly beýleki meseleleri ara alyp maslahatlaşmak barada teklip beýan edildi. Gahryman Arkadagymyz bu meselä seretmegi hem-de ylalaşylan ýagdaýynda, degişli tabşyryklary bermegi teklip etdi.

Walentina Matwiýenko GDA gatnaşyjy döwletleriň Parlamentara Assambleýasynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisiniň ýokary guramaçylyk derejesi üçin türkmen tarapyna tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi hem-de bu çäräniň Arkalaşygyň döredilmeginiň 35 ýyllygynyň bellenilýän ýylynda geçirilýändigini, Türkmenistanyň GDA-da başlyklyk etmeginiň çäklerinde dürli ugurlar boýunça wajyp çözgütleriň kabul edilendigini aýtdy.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygy Walentina Matwiýenko dostlukly döwletara gatnaşyklaryň iki ýurduň halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

ВСТРЕЧА НАЦИОНАЛЬНОГО ЛИДЕРА ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЯ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ГЕРОЯ-АРКАДАГА С ГЕНЕРАЛЬНЫМ СЕКРЕТАРЁМ СНГ

19 ноября 2026 года Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов встретился с Генеральным секретарём Содружества Независимых Государств Сергеем Лебедевым, прибывшим в Туркменистан для участия в очередном заседании Совета Межпарламентской Ассамблеи СНГ.

Выразив признательность за возможность личной встречи и гостеприимство, оказанное на туркменской земле, гость отметил роль Туркменистана в расширении равноправного сотрудничества и реализации программ в рамках Содружества.

Пользуясь случаем, Сергей Лебедев адресовал туркменской стороне признательность за созданные возможности для проведения очередного заседания Совета МПА СНГ на высоком организационном уровне.

Тепло приветствуя гостя, Герой-Аркадаг отметил, что в рамках председательства Туркменистана в СНГ в текущем году Национальная туристическая зона «Аваза» принимает очередное заседание Совета Межпарламентской Ассамблеи Содружества Независимых Государств, повестка дня которого включает ряд важных вопросов. Национальный Лидер туркменского народа выразил уверенность,



что заседание послужит площадкой для конструктивного обсуждения задач, касающихся дальнейшего развития парламентского сотрудничества в формате СНГ.

Отмечалось, что заседание предоставит возможность для обмена мнениями по актуальным вопросам партнёрства, затрагивающим такие сферы, как экономика, энергетика, инфраструктура, а также международные транспортные коридоры, пролегающие через территории стран Содружества.

Национальный Лидер туркменского народа подчеркнул, что Туркменистан намерен и впредь всесторонне укреплять дружественные отношения с государствами СНГ и развивать многостороннее сотрудничество, ориентированное на достижение конкретных результатов.

Герой-Аркадаг также поблагодарил Сергея Лебедева за плодотворную совместную работу и содействие в проведении очередного заседания Совета МПА СНГ, которое станет значительным вкладом в укрепление межпарламентского диалога.

В завершение встречи, выразив уверенность, что многоплановое партнёрство в рамках Содружества будет и впредь успешно развиваться и обогащаться новым содержанием, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Герой-Аркадаг и Генеральный секретарь Содружества Независимых Государств обменялись наилучшими пожеланиями.

THE 61ST PLENARY SESSION OF THE INTERPARLIAMENTARY ASSEMBLY OF CIS MEMBER STATES WAS HELD IN AVAZA

On November 20, 2026, the 61st plenary session of the Interparliamentary Assembly of the Member States of the Commonwealth of Independent States (CIS) took place in the "Avaza" National Tourist Zone.

Prior to the session, which was held in the large conference hall of the Avaza complex, the heads of the delegations and CIS Secretary General S. Lebedev posed for a commemorative group photograph.

Following this, the 61st plenary session of the Interparliamentary Assembly of the CIS Member States commenced.

In their opening remarks, the participants unanimously noted that the "Avaza" National Tourist Zone has once again reaffirmed its status as a key venue for fostering cooperation and friendship among nations. They also emphasized the great significance of hosting these events during Turkmenistan's 2026 chairmanship of the CIS.



During the session, the heads of the parliamentary delegations from the CIS member states delivered addresses highlighting the initiatives underway in their respective countries, as well as the steps being taken to further strengthen cooperation within the Commonwealth, specifically regarding the development of interparliamentary ties.

The parliamentarians expressed their firm conviction that the historic decisions reached during the autumn session of the CIS Interparliamentary Assembly, currently being held in the beautiful "Avaza" National Tourist Zone on the Turkmen coast of the Caspian Sea, will make a significant contribution to ensuring the well-being of the peoples of the Commonwealth states, as well as fostering peace and sustainable development in the region.

They also congratulated their Turkmen colleagues on the granting of observer status to the Mejlis of Turkmenistan within the Interparliamentary Assembly of the CIS Member States.

The heads of the delegations affirmed that the institutions they lead will continue to make a valuable contribution to enriching legislative practice by intensifying cooperation with the CIS Interparliamentary Assembly, harmonizing legal systems, and further strengthening collective security, trust, and friendly relations across the Commonwealth.

Taking this opportunity, the attendees expressed their deep gratitude to the President of Turkmenistan and the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty, Hero-Arkadag, for providing all the necessary conditions to organize and host the meetings of the CIS Interparliamentary Assembly at a high level, and for fostering the development of interparliamentary relations.

Once the participants had agreed upon the agenda, statements were delivered regarding the specific items under discussion.

It was noted that the topics included in the agenda for the 61st plenary session of the CIS Interparliamentary Assembly address some of the most critical challenges of the present day.

The model laws developed, aimed at ensuring security, providing a legal framework for artificial intelligence and digital technologies, improving social policy, and supporting the professional training of the younger generation, fully align with the interests of our countries.

The model legislative framework prepared by the Interparliamentary Assembly serves as an important instrument for harmonizing the legal systems of the Commonwealth states and for developing a common economic and humanitarian space.

It was also noted during the proceedings that the current session of the CIS Interparliamentary Assembly (IPA) marks a new chapter in the history of the Mejlis of Turkmenistan, which, as of today, is participating in the meetings of the CIS Interparliamentary Assembly for the first time in the capacity of an observer.

The decision to grant the Mejlis of Turkmenistan observer status within the CIS IPA is fully consistent with our state's foreign policy, its internationally recognized status of permanent neutrality, and its diplomatic relations within the framework of the CIS.

Following the conclusion of the main agenda for the 61st plenary session of the Interparliamentary Assembly of the Commonwealth of Independent States, an awards ceremony was held for several parliamentarians, as decided by the Council of the CIS Interparliamentary Assembly. The recipients were presented with the "Commonwealth" Order, the Interparliamentary Assembly's "For Strengthening Parliamentary Cooperation" medals, and Certificates of Honor from the Council of the Interparliamentary Assembly of the Commonwealth of Independent States.

* * *

At the Berkarar Hotel in the Avaza National Tourist Zone, the Chairperson and committee heads of the Mejlis of Turkmenistan held a series of bilateral meetings with the leaders and members of parliamentary delegations from CIS member states that have arrived in the country.

Subsequently, a signing ceremony took place for the "Work Plan for 2027 for the Inter-parliamentary Friendship Group of the Mejlis of Turkmenistan with the Federation Council of the Federal Assembly of the Russian Federation, and the Cooperation Group of the Federation Council of the Federal Assembly of the Russian Federation with the Mejlis of Turkmenistan."

В АВАЗЕ ПРОШЛИ ЗАСЕДАНИЯ РУКОВОДЯЩИХ И ПРОФИЛЬНЫХ ОРГАНОВ МПА СНГ

19 ноября 2026 года в Национальной туристической зоне «Аваза» состоялись заседание Совета Межпарламентской Ассамблеи государств-участников СНГ, а также заседания Постоянной комиссии по политическим вопросам и международному сотрудничеству и Постоянной комиссии по правовым вопросам МПА Содружества Независимых Государств.

В прозвучавших выступлениях выражалась признательность в адрес Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Героя-Аркадага и Президента Сердара Бердымухамедова за созданные условия и возможности для проведения на высоком уровне заседаний руководителей и представителей парламентов СНГ.

На заседании были заслушаны доклады по ряду вопросов, включённых в повестку дня. Наряду с направлениями, непосредственно касающимися деятельности Межпарламентской Ассамблеи государств-участников Содружества Независимых Государств, они охватили информацию о председательстве Туркменистана в СНГ, итоги Второй международной конференции «Всеобщий охват услугами здравоохранения и Цели устойчивого развития», решения Совета глав государств СНГ от 9 октября 2026 года и Совета министров иностранных дел СНГ от 7 октября 2026 года, вопросы предоставления



Меджлису Туркменистана статуса наблюдателя при Межпарламентской Ассамблее государств-участников СНГ, организации наблюдения за выборами в государствах-участниках СНГ и многие другие темы.

В ходе выступлений с большим вниманием была за-

(Окончание на 4-й стр.)

В АВАЗЕ ПРОШЛИ ЗАСЕДАНИЯ РУКОВОДЯЩИХ И ПРОФИЛЬНЫХ ОРГАНОВ МПА СНГ

(Начало на 3-й стр.)
слушана информация о председательстве Туркменистана в Содружестве Независимых Государств в текущем 2026 году. Как отметила Председатель Меджлиса Туркменистана, с 1 января 2026 года Туркменистан официально и успешно осуществляет председательство в СНГ.

Как отмечалось, межпарламентское сотрудничество является одним из действенных инструментов упрочения мира, стабильности и взаимопонимания на пространстве Содружества. Реализация решений, принятых на проведённых в течение года мероприятиях, ставит новые задачи. Для их своевременного и полного выполнения, по общему мнению, необходима скоординированная и целенаправленная работа законодательных органов.

Также была выражена глубокая признательность руководителям Межпарламентской Ассамблеи государств-участников СНГ за поддержку инициатив и предложений Туркменистана в рамках председательства в Содружестве.

Важным пунктом повестки дня заседания стали итоги Второй международной конференции «Всеобщий охват услугами здравоохранения и Цели устойчивого развития».

Как отмечалось, этот масштабный форум, состоявшийся в прошлом месяце в Конгресс-центре «Аваза», стал эффективной площадкой для обсуждения актуальных вопросов глобального здравоохранения.

Одним из важных вопросов, вынесенных на рассмотрение парламентариев стран Содружества, стало предоставление Меджлису Туркменистана статуса наблюдателя при Межпарламентской Ассамблее СНГ.

По результатам голосования Меджлису Туркменистана был официально присвоен статус наблюдателя при Межпарламентской Ассамблее государств-участников СНГ.

В ходе заседания были также заслушаны выступления, посвящённые подготовке к 35-летию МПА СНГ, его рабочему плану на 2027 год и другим вопросам, по которым приняты соответствующие решения.

* * *

В этот же день в отеле «Berkarar» состоялись заседания Постоянной комиссии МПА СНГ по политическим вопросам и международному сотрудничеству и Постоянной комиссии МПА СНГ по правовым вопросам.

На состоявшемся в Авазе очередном заседании был избран председатель Постоянной комиссии по политическим вопросам и международному сотрудничеству Межпарламентской Ассамблеи СНГ.

Участники встречи рассмотрели также ряд других важных вопросов, включённых в повестку дня: ход реализации культурно-образовательного проекта «Поезд Памяти» в текущем году; итоги второй Межпарламентской конференции спикеров парламентов в Пномпене (Королевство Камбоджа) и продвижение парламентского измерения инициативы по формированию архитектуры евразийской безопасности; вопрос о предоставлении Меджлису Туркменистана статуса наблюдателя при МПА СНГ; вопросы обеспечения достоверности и доверия в международной гуманитарной деятельности в эпоху распространения вредоносной информации; председательство Туркменистана в Содружестве в 2026 году; итоги конференции по правовому регулированию применения искусственного интеллекта и новых технологий в противодействии терроризму, радикализации и экстремизму; результаты координации мероприятий и действий международных парламентских организаций и парламентских делегаций государств-участников СНГ в рамках этих структур; итоги 20-й сессии Конференции Парламентского союза государств-членов ОИС и 153-й Ассамблеи Межпарламентского союза.

Предметом обсуждения также стали сроки проведения следующего заседания Постоянной комиссии МПА СНГ по политическим вопросам и международному сотрудничеству. Как отмечалось, все проводимые встречи служат важной площадкой для согласования внешнеполитических позиций парламентов стран Содружества.

* * *

Параллельно в отеле «Berkarar» состоялось заседание Постоянной комиссии по правовым вопросам Межпарламентской Ассамблеи СНГ.

В ходе очередного заседания Постоянной комиссии МПА СНГ по правовым вопросам, прошедшего в НТЗ «Аваза» в рамках председательства Туркменистана в Содружестве, также были рассмотрены отдельные законопроекты и организационно-правовые вопросы.

TÜRKMENISTANYŇ DIM-NDE RUSSIÝA FEDERASIÝASYNYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ DAŞARY SYÝASATY MEÝILLEŞDIRMEK DEPARTAMENTINIŇ DIREKTORY BILEN DUŞUŞYK GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 19-njy noýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde daşary syýasaty meýilleşdirmek meseleleri boýunça Daşary işler ministrlikleriniň Türkmen-Rus geňeşmeleri geçirildi. Oňa Russiýa Federasiýasynyň Daşary işler ministrliginiň Daşary syýasaty meýilleşdirmek departamentiniň direktory Alekseý Ýuryýewiç Drobinin gatnaşdy.

2025–2026-njy ýyllar üçin iki ýurduň Daşary işler ministrlikleriniň arasynda hyzmatdaşlyk maksatnamasynyň degişli bentleriniň ýerine ýetirilmeginiň çäklerinde geçirilen geňeşmeleriň dowamynda Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary Ahmet Gurbanow bilen duşuşyk hem boldy.

Gepleşikleriň dowamynda türkmen-rus gatnaşyklarynyň häzirki meseleleri, şeýle hem daşary syýasaty meýilleşdirmek, bu ugurda tejribe we iş tejribeleri alyşmak, syýasy-



diplomatik dialogy mundan beýläk-de pugtalandyrmak meseleleri boýunça pikir alşyldy.



Туркменистан и Япония укрепляют партнерства в области водородной энергетики

17 ноября 2026 года состоялась онлайн встреча с японской стороной по вопросу налаживания сотрудничества в области водородной энергетики. На встрече приняли участие представители и эксперты японской стороны из Организации по развитию новых энергетических и промышленных технологий (NEDO), корпорации «Chiyoda» и Университета Цукуба, а с туркменской стороны — группа экспертов во главе с Ректором Международного университета нефти и газа имени Ягшыгелди Какаева и специалисты Туркменского государственного концерна «Туркменгаз».

Встреча была организована в результате договоренностей, достигнутых с японской стороной во время визита Ректора Международного университета нефти и газа имени Ягшыгелди Какаева в Японию.

На встрече стороны обсудили вопросы проведения совместных научных исследований, подготовки специалистов и внедрения инновационных технологий производства водородной энергетики из природного газа в производство. В частности, обсуждались возможности реализации совместного туркмено-японского проекта по созданию лаборатории Центра водородной энергетики при Международном университете нефти и газа имени Ягшыгелди Какаева.

Обсуждены вопросы межпарламентского сотрудничества между Туркменистаном и Исламской Республикой Иран

В ноябре 2026 года в Тегеране состоялась встреча Посла Туркменистана с председателем Комиссии по строительству Исламского консультативного совета Исламской Республикой Иран, руководителем туркмено-иранской межпарламентской группы дружбы Абдолджалалом Ири.

Стороны отметили особую значимость встречи, состоявшейся 3 июля 2026 года в ходе визита Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана, Героя-Аркадага в Исламскую Республику Иран с Председателем Исламского консультативного совета Ирана Мохаммедом Багером Галибафом.

В ходе встречи состоялся обмен мнениями по основным направлениям сотрудничества между двумя странами, а также была подчеркнута важная роль межпарламентского взаимодействия.

В частности, стороны обсудили текущее состояние и перспективы сотрудничества в сферах энергетики, нефтегазового комплекса, а также транспорта и транзитных перевозок.

Была отмечена необходимость объединения усилий в рамках парламентской группы дружбы в целях дальнейшего развития сотрудничества между двумя странами в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах, продвижения мира, укрепления доверия между странами и народами, а также расширения масштабов добрососедского сотрудничества.

Кроме того, стороны подчеркнули особую значимость и важную роль сотрудничества в рамках Группы друзей нейтралитета, а также провозглашения 2028 года «Международным годом права».

Материалы подготовлены на основе интернет-источников.